# Bagt näme?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bagt näme? BAGT NÄME?

Ol seniň geçmişiňdir, durmuşda
Bagt seniň eden arzuw, hyýalyň,
Bagt seniň ilki äden ädimiň,
Bagt seniň, indi ýörejek ýoluň,
Bagt seniň, saňa ýakyn adamlaň
gürrüňleşip, gülişip, aýdan degişmäň,
Bu durmuşda özüň üçin döreden
düzen nagmalaryň, çeken nagyşlaň,
Bagt saňa arka durjak agaňdyr,
Bagt seniň dostlaryň hem tanyşyňdyr,
Kyn günüňde, şat güniňde ýetişjek,
hemmedetdir, hemsaýaňdyr, goňşyňdyr
Bagt seniň asmanyňdyr, zeminiň,
Bagt seniň watanyň, ene ýeriňdir,
seniň dowamyňdyr, ogul, gyzyňdyr,
şony peşgeş beren söwer ýaryňdyr,
Bagt seniň ataňdyr, Ganatyn geren,
Bagt seni bu dünýäge inderen,
gije şöwür çekmän ak süýdin beren,
aglasaň dyndyran, eziz eneňdir,
Bagt seniň begenjiň hem gynanjyň,
kynçylykda geçiren, ajap wagtyňdyr,
Bagt seniň gözlegiňdir durmuşda,
Durmuşdaky tutan ornunyň bagtyňdyr,
Bagtdan bagty gözlemek iň ullakan bagtyňdyr.

Remezan MÄMETGURBANOW.

03.07.2019 ý. Goşgular